# Baýlyk / erteki

Category: Ertekiler,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Baýlyk / erteki

BAÝLYK

Bir bar eken, bir ýok eken. Ýok zad-a ýok eken, bar zadam bar eken. Ýöne ýok zatlardan bar zatlar has köpräk eken, has gowurak eken. Gadym zamanda, ýurduň çetinde ýerleşen uly obada, bir garyp ýigit ýaşaýar eken. Ýöne ol garyplygyna garamazdan juda göwnaçyk ekeni. Şonuň üçinem onuň dosty köp bolupdyr. Gynanan günem onuň ýany ýagdaýyna düşünýän ýürekdeş adamly bolupdyr, begenen güni-de ýanynda onuň şatlygyna özünden beter şatlanýan dostlardan doly ekeni. Hemişe-de, mümkinçilik boldugyndan ol-a dostlaryna, dostlary hem oňa goldaw bermäge çalşypdyrlar. Şeýle ýaşap ýörşüne-de ol ýigit özüni hiç kesden pes saýmandyr.
Emma, günlerde bir gün, ol baý obadaşlarynyň biriniň toýuna barypdyr welin, hyzmat edip ýörenler kän bolsa-da, hiç kim onuň ugruny hem idemändir. Hyzmatçylaryň barysy epeý-epeý baýlaryň-barjamlylaryň daşynda hozanakmyş. Muňa öte kemsinen garyp ýigit gaharlanyp, toýdan duz datman turup gaýdypdyr. Ýolda gelýärkä-de ol tütjar baý bolup, hemmelere özüni sylatmagy ýüregine düwüpdir.
Niýetiňi berke tutsaň, bolmajak zat barmy, eýsem?! Şol pursatdanam başlapdyr. Garyp ýigit öňküsi ýaly öz maýdalyna, gün-güzeranyny aýlamak üçin agaýana işlemän, gijesini gündiz edip, nebsini öňüne düşürip, puluň-baýlygyň yzynda hars urup başlapdyr. Nebsiniň guluna öwrülip, pelesaň kakyp ýörşüne ol dostlaryny-da undupdyr, adamkärçiligi-de ýadyndan çykarypdyr. Özi gatnaşygy kesenden soň dostlary hem onuň ýanyna görme-görşe gelmeklerini bes edipdirler.
Günleriň geçmegi bilen ol ýigit tütjar baý bolupdyr. Onuň akly-garaly mallary, süri-süri bolup, çölde hem dag eteklerinde agyp-dönüpdirler. Onuň gymmatbahaly harytlardan

gülebentli hatar-hatar kerwenleri, magryba-maşryga ýol ýasapdyrlar. Onuň meýdanlarynda akbaş bugdaýlar deňiz kimin tolkun atyp, şemalyň badyna geleslăpdir. Onuň çar baglarynda bitýän datly miweler bazarlara çykarylandan soňra tylla teňňelere öwrülip, yzyna gaýdyp gelipdir. Onuň sekiz ganat ak öýleriniň birnäçesi hemişe myhmanly bolupdyr. Ýöne ol myhmanlaryň ähलisi hem, öňki dostlary ýaly onuň ajysyna-süýjüsine däl-de, baýlygyna şärik bolmaga dyrjaşypdyrlar.
Şeýle ýaşap ýörşüne-de, günleriň birinde ýaňky ýigit agyr kesele sezewar bolupdyr. Töweregindäki aş dostlary amanadyny tabşyrandan soň onuň maly-mülkünden miras paýyna hantama bolup, oňa ýerli-ýerden hyzmat eden bolupdyrlar. Sagalmagyny islemeseler-de, şony isleýänden bolup, dürli ýurtlardan ussat tebipleri çagyrypdyrlar. Emma hiç bir em onuň derdine derman bolmandyr. Çünki ol daşyny gallap oturanlar özüne näçe hyzmat etseler-de, olaryň özüne kiçi dilden bärde idi-yssywat edýändiklerini, eýýämden özüniň diş-dyrnak bolup toplan baýlygyny öz aralarynda paýlaşýandyklaryny durky-düýrmegi bilen syzypdyr. Olaryň arasynda özüni juda ýalňyz duýupdyr.
Tukatlyk basmarlaýandygy zerarly, onuň ýagdaýy gün-günden egbarlapdyr. Ahyry bir gün onuň yzyndan Ezraýyl perişde gelipdir. Ol hemişeki edähetine eýerip, ilki garyp bolup soň baý bolan ýigdiň başujuna geçip oturypdyr-da, onuň gözlerine siňe-siňe garapdyr. Soňam özüniň agrasdan gamgyn sesi bilen sowal beripdir:
-Hudaýyň bendesi, seniň gözleriňde arman bar. Aýt, näme ahmyryň bar?! Men seniň iň soňky dilegiňi wysal edeýin.
Ýigit ýaryk-ýaryk bolan dodaklaryny ysgynsyz gymyldadyp:
-Eý Aksaç perişde, men, Haktagalanyň döreden bu ýagty jahanynda bir öte agyr hata etdim. Şony düzetmäge mümkinçilik ber!-diýipdir.
-Ol nähili ýalňyşlyk? Aýt, eger-de päk Perwerdigäriň maňa bagyş kylan kuwwaty ýetse, men saňa ýardam bereýin.
-Meniň jana-jan dostlarym bardy. Men bolsa baýlyga-pula kowalaşyp, olaryň göwnüne degdim, olardan ýüz öwürdim. Indi, bu dünýädäki müddetim paýawlamanka olar bilen bir yrzalaşyp ýetişsem…

-Bary hem şujagazmy?-diýip Ezraýyl perişde elini çarpypdyr welin, dem salymda ýigdiň dostlary onuň gaşynda peýda bolupdyrlar. Olar birbada özlerine näme bolandygyna düşünmändirler, ýöne düşekde mejalsyz ýatan köne dostlaryny gören batlaryna olar özlerini undup, hiç zat soraman-idemän, ýerli-ýerden oňa kömek etmäge topulypdyrlar. Biri arkasyndan galdyryp onuň agzyna melhemli käsäni tutup beripdir, beýlekisi: “ajyja gök çaý içse, häzirjek derlär-de, derrew gutular ötägider” diýip çaý gaýnatmaga ylgapdyr, ýene-de biri: “ine, şeýdip endamyny owkalaryn welin, ähli derdi-yzasy meniň owmaç edip barýan ellerimden gorkujygyna, bedeninden zut ökjäni göterer” diýip onuň endamyny owkalap ugrapdyr… Geçen ýyllaryň öýke-kinesi-de, ähli zadam dostlarynyň haly harap hassa halyny gören batlaryna olaryň hakydasyndan zym-zyýat bolupdyr.
Dostlarynyň ýigdiň üstünde kökenek boluşlaryny görüp, Ezraýyl perişdäniň ýigdi ýürekdeşlerinden aýyrmaga ýüregi gyýmandyr. Ol sesini çykarman öýden çykyp ötägidipdir. Diňe tüýnükden onuň dana agraslykdan doly çuňňur owazy eşidilipdir:
-Ynsan, seniň iň gymmatly baýlygyň ýürekdeşleriň ahyry!…

Ertekiler